THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisinde Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygynyň «Ykdysady hyzmatdaşlyk, sanly ykdysadyýet we senagat» atly 1-nji bölümi geçirildi

Türkmenistanyň Mejlisinde Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygynyň «Ykdysady hyzmatdaşlyk, sanly ykdysadyýet we senagat» ady bilen geçirilen 1-nji bölümi öz işini jemledi.

Onuň dowamynda çykyş eden parlamentariler Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň barha işjeň häsiýete eýe bolýandygyny we geriminiň giňeýändigini bellediler. Sebitde durnukly ösüşiň üpjün edilmeginde özüne möhüm orun degişli bolan bu gatnaşyklaryň geljekde hem ösdürilmeginde parlament diplomatiýasynyň ähmiýeti nygtaldy.

Parlamentariler durnukly ösüşi üpjün etmekde, hyzmatdaşlygyň hukuk esaslaryny berkitmekde, parlament we kanunçykaryjylyk işinde toplanan milli tejribeler, şeýle hem ikitaraplaýyn esasda döredilen parlament dostluk toparlarynyň, ugurdaş komitetleriň, zenan-parlamentarileriň we ýaş parlamentarileriň arasynda işjeň gatnaşyklary ýola goýmagyň usullary barada pikir alyşdylar.

Bölümiň işine gatnaşyjylar dünýä jemgyýetçiliginde parahatçylyk dörediji döwlet diýlip ykrar edilen Türkmenistanyň merjen paýtagty Aşgabatda geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygynyň ýokary guramaçylykly derejede guralandygyny hem-de döwletleriň we halklaryň arasynda hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedigini aýratyn bellediler.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024